**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 26-njy dekabrynda 820 san bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda çykaran 549-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

# KARZ EDARALARYNDA ESASY SERIŞDELERI BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞYNYŇ TERTIBI

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Tertip «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna, Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna (mundan beýläk – MHHS) we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip düzüldi we karz edaralarynda esasy serişdeleri buhgalterçilik hasaba alnyşynyň, ýagny bahalandyrmagyň, ykrar etmegiň, soňraky bahalandyrmagyň we ykrar etmegi bes etmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertipde ulanylýan kesgitlemeler we adalgalar MHHS (IAS) 16-da «Esasy serişdeler» ulanylýar.

## II. Esasy serişdeleriň bahalandyrylmagy

3. Ykrar edilende, esasy serişdeler ilkibaşdaky gymmaty boýunça bahalandyrylýar.

4. Ilkibaşdaky gymmaty satyn alnan bahasyny (import paçlary we satyn almak üçin öwezi dolunmaýan salgytlary goşmak bilen) hem-de gurmak (gurnamak) we taýýarlamak üçin çykdajylary, şeýle hem, aktiwi ýerine eltmek we ony niýetlenen maksady boýunça ulanyp bolar ýaly ýagdaýa getirmek bilen bagly çykdajylary öz içine alýar. Ilkibaşdaky gymmatyna, şeýle hem, aktiwi sökmek üçin we onuň duran ýerindäki tebigy serişdeleri dikeltmek üçin harajatlar goşulýar.

5. Ilkibaşdaky gymmatyna dolandyryş we beýleki umumy goşmaça çykdajylar, başlangyç döwürde çekilen amaly ýitgiler, aktiwi ulanmaga ýaramly ýagdaýa getirmek üçin zerur bolmadyk ulanylyşa girizmek bilen bagly we beýleki taýýnlyk çykdajylary goşulmaýar.

6. Aktiwler ykrar edilende olaryň ilkibaşdaky gymmaty alnan usulyna (aktiwi satyn almak, çalyşmak, peşgeş almak, öndürmek) bagly bolýar.

7. Toparda alnan aktiwler ykrar edilende olaryň ilkibaşdaky gymmaty deň ölçegli ýa-da ösdürilen usul bilen kesgitlenilýär:

deň ölçegli usuly – topardaky aktiwiň özüne düşýän gymmaty aýratyn aktiwiň bazar gymmatynyň we toparyň umumy bazar gymmatynyň gatnaşygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

ösdürilen usuly – iki (ýa-da ondan köp) aktiwiň özüne düşýän gymmaty birinji aktiwiň belli bolan bazar gymmatyndan ugur alyp, ikinji aktiwiň gymmaty bolsa galan möçber boýunça kesgitlenilýär.

8. Pul serişdelerine satyn alnan aktiwler ykrar edilende ilkibaşdaky gymmaty (özüne düşýän gymmaty) boýunça bahalandyrylýar.

9. Pul serişdelerini tölemezden, meňzeş aktiwe çalşylyp alnan aktiwler ykrar edilende olaryň ilkibaşdaky gymmaty, eger-de:

alnan aktiwiň adalatly gymmaty edil şonuň ýaly bolanda, berlen aktiwiň balans gymmaty boýunça bahalandyrylýar;

alnan aktiwiň adalatly gymmaty berlen aktiwiň adalatly gymmatyndan ýokary bolanda, berlen aktiwiň balans gymmaty boýunça bahalandyrylýar, alyş-çalyş amalyndan peýda ykrar edilmeýär;

alnan aktiwiň adalatly gymmaty berlen aktiwiň adalatly gymmatyndan pes bolanda, alnan aktiwiň adalatly gymmaty boýunça bahalandyrylýar. Berlen aktiwiň gymmaty gaçan hasap edilýär we bahalaryň tapawudy:

eger-de karz edarasynyň hasaba alyş syýasatyna laýyklykda esasy serişdeler adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan bolsa, «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasabyna eltilýär, ýa-da

eger-de karz edarasynyň hasaba alyş syýasatyna laýyklykda esasy serişdeler ilkibaşdaky gymmaty boýunça hasaba alynýan bolsa ýa-da «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory»

hasabyň galyndysy ýok bolsa, «Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri ýerlemek boýunça çykdajylar» hasabyna eltilýär.

10. Goşmaça pul serişdelerini tölemek bilen, çalşylyp alnan aktiwler ykrar edilende olaryň ilkibaşdaky gymmaty alnan aktiwiň, , tölenen we alnan pul serişdeleriniň möçberine düzedilen adalatly gymmaty boýunça bahalandyrylýar. Eger-de alnan aktiwiň adalatly gymmatyny ygtybarly kesgitläp bolmasa, alnan aktiwi, berlen aktiwiň adalatly gymmaty boýunça ykrar etmek bolar. Aktiwi çalyşmak amalyndan ýitgi umumy peýda hakyndaky hasabatynda ykrar edilýär, aktiwi çalyşmak amalyndan peýda:

meňzeş aktiwe çalşylanda, alnan aktiwiň gymmatynyň azalmasy hökmünde hasaba alynýar,

meňzeş bolmadyk aktiwe çalşylanda, umumy peýda hakyndaky hasabatynda ykrar edilýär.

11. Peşgeş alnan aktiwler ykrar edilende olaryň ilkibaşdaky gymmaty, aktiwleriň adalatly gymmaty boýunça bahalandyrylýar. Ýüze çykýan peýda bir ýa-da birnäçe hasabat döwürleriň girdejilerine eltilýär.

12. Döredilen aktiwler ykrar edilende olaryň ilkibaşdaky gymmaty, gurmak, giňeltmek we dikeltmek işleri üçin çykdajylary öz içine alýan, özüne düşýän gymmaty boýunça bahalandyrylýar. Düýpli gurluşyk üçin çykdajylar diňe bellenilen tertipde tassyklanylan jikme-jik sanawlarynyň we taslama-çenlik resminamalarynyň esasynda amala aşyrylyp bilner, jaýlary düýpli abatlamaga harajatlar bolsa, bahalar çenliklerinde ýa-da potratçylar bilen buýrujylaryň arasynda baglaşylan şertnamalarda göz öňünde tutulan tehniki-çenlik resminamalara laýyklykda amala aşyrylyp bilner.

13. Döwlet kömegi hökmünde alnan aktiwler ykrar edilende olaryň iilkibaşdaky gymmaty, özüne düşýän gymmaty boýunça bahalandyrylýar we alnan döwlet kömegi şu iki usuldan biri bilen hasaba alynýar:

arassa gymmaty usuly –alnan aktiwiň gymmatyndan döwlet kömegi aýrylyp, şunuň bilen dikeldiş geçiriminiň ululygy we her döwrüň çykdajylaryna eltilýän dikeldiş geçirimleri kemeldilýär;

gaýra goýmak usuly – döwlet kömegi geljekki döwürleriň girdejileri hökmünde hasaba alnyp, ol soňra peýdaly ulanyş möhletiniň dowamynda yzygiderlik esasda döwrüň girdejilerine eltilýär.

14. Paýnamalara çalşylyp alnan aktiwleriň ilkibaşdaky gymmaty:

eger-de paýnamalaryň adalatly gymmaty esasy serişdeleriň adalatly gymmatyndan pes bolsa, paýnamalaryň adalatly gymmaty boýunça bahalandyrylýar;

eger-de esasy serişdeleriň adalatly gymmaty paýnamalaryň adalatly gymmatyndan pes bolsa, esasy serişdeleriň adalatly gymmaty boýunça bahalandyrylýar.

15. Iri ätiýaçlyk şaýlar, gurnalan ulgamlar we bir hasabat döwründen artyk ulanylýan ýa-da olary ulanylmagy diňe esasy serişdeleriň obýektiniň ulanylmagy bilen baglybolan enjamlar esasy serişdeler ýaly toparlanýar.

16. Esasy serişdelere hyzmat etmek üçin göz öňünde tutulan ätiýaçlyk şaýlar we kömekçi enjamlar ätiýaçlyklaryň düzüminde hasaba alynýar we olaryň ulanylyşyna görä çykdajylaryň hasabyna öçürilmäge degişlidir.

## III. Esasy serişdeleri ykrar etmek

17. Esasy serişdeler, eger-de olardan geljekde ykdysady bähbitleri alynjakdygynyň ýokary ähtimallygy bar bolsa we aktiwiň gymmatyny ygtybarly bahalandyryp bolýan bolsa, aktiw hökmünde hasaba alynýar.

18. Ilkibaşda ykrar edilenden soň her aktiwe tükelleýiş belgisi berilýär.

19. Pul serişdelerine alnan aktiwler buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylar bilen hasaba alynýar:

milli pulda aktiwi satyn almak:

Debet 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

Kredit 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX
21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary
23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary
23901-23908-nji «Beýleki borçlar» hasaplary

daşary ýurt pulunda aktiwi satyn almak:

Debet 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

Kredit 28912-nji «Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn XXX

bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)» hasaby
we

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 19905-nji «Gysga walýuta ýagdaýy» hasaby | XXX |
| Kredit | 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary | XXX |

21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary
23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary
23901-23908-nji «Beýleki borçlar» hasaplary
alnan aktiwi ykrar etmek:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary | XXX |
| Kredit | 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar | XXX |

boýunça debitorlar» hasaby

20. Pul serişdelerini tölemezden aktiwler çalşylanda berlen aktiwiň hasapdan öçürilmegi we alnan aktiwiň ykrar edilmegi buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

Berlen aktiwi hasapdan öçürmek:
berlen aktiwiň toplanan ulanyş tutumlaryň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary | XXX |
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» (berlen) hasaplary | XXX |

eger-de alnan aktiwiň adalatly gymmaty berlen aktiwiň adalatly gymmatyndan pes bolanda, berlen aktiwiň gymmatynyň gaçmagyna:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň | XXX |

täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby

| | | |
|---|---|---|
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler (berlen)» hasaplary | XXX |

ýa-da

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 56301-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl | XXX |

aktiwleriň arzanlamagyndan çykdajylar» hasaplary

| | | |
|---|---|---|
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler (berlen)» hasaplary | XXX |

berlen aktiwiň balans gymmatynyň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby | XXX |
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler (berlen)» hasaplary | XXX |

Alnan aktiwi ykrar etmek:
berlen aktiwiň gymmatynyň möçberine ýa-da alnan aktiwiň adalatly gymmatynyň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler (alnan)» hasaplary | XXX |
| Kredit | 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasaby | XXX |

hasaplary özara ýapmak:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasaby | XXX |
| Kredit | 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby | XXX |

eger-de berlen aktiw adalatly gymmaty boýunça hasaba alnan bolsa, täzeden bahalandyrymanyň toplanan möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň | XXX |

täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby

| | | |
|---|---|---|
| Kredit | 32303-nji «Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy | XXX |

(toplanan ýetmezçiligi)» hasaby

21. Aktiwler goşmaça pul serişdeler tölenip çalşylanda, berlen aktiwiň hasapdan öçürilmegi we alnan aktiwiň ykrar edilmegi buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

Berlen aktiwi hasapdan öçürmek:
berlen aktiwiň toplanan ulanyş tutumlarynyň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary | XXX |
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler (berlen)» hasaplary | XXX |

berlen aktiwiň balans gymmatyna:

Debet 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

Kredit 17102-17105-nji «Esasy serişdeler (berlen)» hasaplary XXX

Alnan aktiwi ykrar etmek:

alnan aktiwiň adalatly gymmatynyň möçberine:

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler (alnan)» hasaplary XXX

Kredit 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasaby XXX

alnan pul serişdelerini hasaba almak (pul serişdeler alnan ýagdaýynda):

Debet 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX

21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary

23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary

23901-23908-nji «Gaýry borçlar» hasaplary

Kredit 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasaby XXX

tölenen pul serişdelerini hasaba almak (pul serişdeleri tölenen ýagdaýynda):

Debet 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

Kredit 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX

21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary

23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary

23901-23908-nji «Gaýry borçlar» hasaplary

hasaplary özara ýapmak:

Debet 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar»hasaby XXX

Kredit 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

eger-de esasy serişdeler çalşylanda ýitgi ýüze çykýan bolsa, ýitginiň möçberine:

Debet 52402-nji «Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri hasaby XXX

ýerlemek boýunça çykdajylar»

Kredit 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

eger-de esasy serişdeler çalşylanda peýda ýüze çykýan bolsa, peýdanyň möçberine:

Debet 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar»hasaby XXX

Kredit 42403-nji «Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri XXX

ýerlemekden alnan girdejiler»

eger-de berlen aktiw adalatly gymmaty boýunça hasaba alnan bolsa, toplanan täzeden bahalandyrmanyň möçberine:

Debet 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden XXX

bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby

Kredit 32303-nji «Hasabat ýylynyň paýlanmadyk XXX

peýdasy (toplanan ýetmezçiligi) » hasaby

22. Aktiw peşgeş alnanda, alnan aktiwiň ykrar edilmegi buhgalteçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

alnan aktiwiň adalatly gymmatynyň möçberine:

Debet 1702-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 45209-njy «Bank işi däl amallardan alnan gaýry girdejiler» hasaby XXX

ýa-da

Debet 1702-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 28301-nji «Geljekki döwrüň girdejileri» hasaby XXX

Eger-de aktiwler peşgeş alnanda aktiwleriň gymmaty geljekki döwrüň girdejilerinde hasaba alynýan bolsa, ony ulanmagyň möhletiniň dowamynda hasaplanylan ulanyş tutumlaryň möçberi degişli hasabat döwürleriniň girdejilerinde hasaba alynýar:

Debet 28301-nji «Geljekki döwrüň girdejileri» hasaby XXX

Kredit 45209-nji «Bank işi däl amallardan alnan gaýry girdejiler» hasaby XXX

23. Aktiw döredilende, düýpli maýa goýumlar we düýpli abatlaýyş üçin hakujy we hakyky ýerine ýetirlen işler üçin tölegler buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

milli pulda tölenen hakujy töleg:

Debet 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX
Kredit 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX
21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary
23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary

ýerine ýetirlen işler üçin milli pulda tölenen hakyky töleg:

Debet 19602-nji «Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby XXX
Kredit 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX
21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary
23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary

daşary ýurt pulunda tölenen hakujy töleg:

Debet 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX
Kredit 28912-nji «Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)» hasaby XXX

we

Debet 19905-nji «Gysga walýuta ýagdaýy» hasaby XXX
Kredit 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX
21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary
23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary

ýerine ýetirilen işler üçin daşary ýurt pulunda tölenen hakyky töleg:

Debet 19602-nji «Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby XXX
Kredit 28912-nji «Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)» hasaby XXX

we

Debet 19905-nji «Gysga walýuta ýagdaýy» hasaby XXX
Kredit 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX
21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary
23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary

hakyky ýerine ýetirlen işleriň möçberinden hakujy töleginiň azaldylan bölegine:

Debet 19602-nji «Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby XXX
Kredit 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

Gurnalýan aktiwleriň gymmaty 17110 «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasabynda jemlenýär we buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

Debet 17110-njy «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasaby XXX
Kredit 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby XXX

Döredilen aktiwi ykrar etmek:

eger-de döredilen aktiwiň umumy gymmaty şoňa meňzeş aktiwiň adalatly gymmatyndan ýokary bolsa, aktiw adalatly bahasy boýunça ykrar edilýär, tapawudy bolsa, esasy serişdeleriň arzanlamagyndan çykdajylar hökmünde umumy peýda hakyndaky hasabatda ykrar edilýär:

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplar XXX
Kredit 17110-njy «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasaby XXX
19602-nji « Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby

we

Debet 56301-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň XXX

arzanlamagyndan çykdajylar» hasaby

Kredit 17110-njy «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasaby XXX

19602-nji « Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby

eger-de döredilen aktiwiň umumy gymmaty şoňa meňzeş aktiwiň adalatly gymmatyndan pes bolsa, aktiw gurluşygyň umumy gymmaty boýunça hasaba alynýar:

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 17110-njy «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasaby XXX

19602-nji « Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby

eger-de esasy serişdeler adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan bolsa, onda aktiwiň adalatly gymmaty bilen edilen harajatlaryň tapawudyna goşmaça:

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň XXX

täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby

24. Esasy serişdeleri satyn almak üçin pul serişdeler görnüşinde döwlet kömegini alynmagy buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

alnan pul serişdeleriň möçberine:

Debet 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary XXX

21101-21103-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary

23101-23106-njy «Döwlet býujetiniň serişdeleri» hasaplary

Kredit 28210-njy «Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar» hasaby XXX

eger-de döwlet kömegi arassa gymmaty usuly bilen hasaba alynýan bolsa, alnan döwlet kömeginiň möçberine:

Debet 28210-njy «Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar» hasaby XXX

Kredit 17110-njy «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasaby XXX

19602-nji « Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby

we

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 17110-njy «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasaby XXX

19602-nji « Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby

eger-de döwlet kömegi gaýra goýmak usuly bilen hasaba alynýan bolsa, alnan döwlet kömeginiň möçberine:

Debet 28210-njy «Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar» hasaby XXX

Kredit 28301-nji «Geljekki döwrüň girdejileri» hasaby XXX

we

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» XXX

Kredit 17110-njy «Gurulýan (gurnalýan) esasy serişdeler» hasaby XXX

19602-nji « Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby

hem-de ulanyş tutumlary hasaplananda, aýma-aý hasaplanylan ulanyş tutumlaryň möçberine:

Debet 28301-nji «Geljekki döwrüň girdejileri» hasaby XXX

Kredit 45209-njy «Bank işi däl amallardan alnan gaýry girdejiler» hasaby XXX

25. Paýnamalara çalşylyp alnan aktiwiň ykrar edilmegi we berlen paýnamalaryň hasapdan öçürilmegi buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

alnan esasy serişdeleriň möçberine:

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasap XXX

çalşylan paýnamalaryň adalatly gymmatyna:

Debet 19203-nji «Bankyň hojalyk işi boýunça kreditorlar» hasaby XXX

19602-nji «Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak

möhletli aktiwler» hasaby

Kredit 30103-nji «Esaslyk maýa - ýönekeý paýnamalar» hasaby XXX

30104-nji «Yzyna satyn alnan ýönekeý paýnamalar» hasaby

30105-nji «Esaslyk maýa - artykmaçlykly paýnamalar» hasaby
30106-njy «Yzyna satyn alnan artykmaçlykly paýnamalar» hasaby
paýnamalaryň adalatly gymmatynyň nominal gymmatyndan artýan möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 19203-nji «Bankyň hojalyk işi boýunça kreditorlar» hasaby | XXX |
| | 19602-nji «Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby | |
| Kredit | 31101-nji «Goşmaça tölenen maýa» hasaby | XXX |

hasaplary özara ýapmak:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasap | XXX |
| Kredit | 19203-nji «Bankyň hojalyk işi boýunça kreditorlar» hasaby | XXX |
| | 19602-nji «Gurluşyk şertnamalary boýunça uzak möhletli aktiwler» hasaby | |

IV. Esasy serişdeleriň soňraky hasaba alnyşy

26. Aktiw hökmünde ilkibaşda ykrar edilenden soň, esasy serişdeler:

toplanan ulanyş tutumlaryny we arzanlamakdan çekilen ýitgileri aýyrmak bilen ilkibaşdaky gymmaty boýunça hasaba alnyp bilner;

täzeden bahalandyrmagyň senesine ulanyş tutumlaryny we arzanlamakdan çekilen ýitgileri aýyrmak bilen, onuň adalatly gymmaty bolan täzeden bahalandyrylan gymmaty boýunça hasaba alnyp bilner.

27. Hasabat senesine balans gymmatynyň adalatly gymmatyndan düýpli tapawutlanmazlygynyň ygtybarlylygyny üpjün etmek maksady bilen, täzeden bahalandyrma ýeterlik ýygylykda geçirilmelidir. Eger-de aktiwleriň adalatly gymmaty ýygy-ýygydan üýtgeýän bolsa, şeýle aktiwler her ýyl täzeden bahalandyrylmalydyr.

28. Täzeden bahalandyrmanyň hasaplanyşynyň tertibi:

täzeden bahalandyrmagyň koeffisientini hasaplamaly. Täzeden bahalandyrmagyň koeffisienti – bu adalatly gymmatynyň balans gymmatyna bolan gatnaşygy, ýagny,

Täzeden bahalandyrmagyň koeffisienti = Adalatly gymmaty / Balans gymmaty.

täzeden bahalandyrmakdan soň toplanan ulanyş tutumlaryny hasaplamaly, bu ulanyş tutumyň täzeden bahalandyrmadan öňki möçberiniň täzeden bahalandyrmanyň koeffisientine köpeldilmegine deňdir;

esasy serişdeleriň obýektiniň täzeden bahalandyrmakdan soň balans gymmatyny hasaplamaly, bu aktiwiň täzeden bahalandyrmakdan öňki balans gymmatynyň täzeden bahalandyrmanyň koeffisientine köpeldilmegine deňdir. Aktiwiň ulanyş möhleti täzeden bahalandyrmakdan soň üýtgemeýär.

29. Eger-de ilkinji täzeden bahalandyrmada aktiwiň adalatly gymmaty ýokarlanýan bolsa, täzeden bahalandyrmagyň netijeleri buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

aktiwiň adalatly gymmatynyň ýokarlanan möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary | XXX |
| Kredit | 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby | XXX |

toplanan ulanyş tutumlarynyň ýokarlanan möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby | XXX |
| Kredit | 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary | XXX |

30. Eger-de ilkinji täzeden bahalandyrmada aktiwiň adalatly gymmaty azalýan bolsa, onda aktiwiň arzanlamagynyň möçberi buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

toplanan ulanyş tutumlarynyň üýtgemeginiň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary | XXX |
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary | XXX |

aktiwiň adalatly gymmatynyň azalmasynyň doly möçberi bilen toplanan ulanyş tutumlaryň üýtgemesiniň möçberiniň tapawudyna:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 56301-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň arzanlamagyndan çykdajylar» hasaby | XXX |

Kredit 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

31. Soňky täzeden bahalandyrmada, eger-de ozal adalatly gymmatynyň ýokarlanmasy ykrar edilen aktiwiň bahasy azalýan bolsa, arzanlamadan çykdajylar ozal döredilen ätiýaçlyk gorlaryň möçberini aýyrmak bilen ykrar edilmeli.

32. Ozal arzanlamakdan çykdajylar ykrar edilen aktiwiň bahasy ýokarlanýan bolsa, girdejiler ozal ykrar edilen çykdajylaryň çäklerinde ykrar edilmelidir, aktiwiň gymmatynyň ýokarlanmasynyň galan möçberi bolsa «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasabynda hasaba alynmaly.

33. Soňky täzeden bahalandyrmanyň netijeleri buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

öň ykrar edilen çykdajylaryň möçberine:

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 46301-nji «Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleriň çekilen ýitgileriň arzanlamagyndan dikeldilmeginden alnan girdejiler» hasaby XXX

aktiwiň gymmatynyň ýokarlanmasy bilen we öň ykrar edilen täzeden bahalandyrmadan çykdajylaryň tapawudyna:

Debet 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

Kredit 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby XXX

34. Eger-de esasy serişdeleri hasaba almak üçin ilkibaşdaky gymmaty boýunça hasaba alyş usuly ulanylan bolsa we täzeden bahalandyrmak usulyna geçmek barada karara gelnen bolsa, bu hasaba alyş syýasatynyň üýtgemegi bolup durýar. Täzeden bahalandyrmak modeline geçmeklik MHHS (IAS) 8-e «Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar» laýyklykda geçen ýylyň maglumatlarynyň düzedişi hökmünde hasaba alynman, ýylyň dowamyndaky täzeden bahalandyrma hökmünde seredilýär.

### V. Esasy serişdeleriň ulanyş tutumlary

35. Aktiwiň ulanyş tutumlary onuň ulanylmaga taýýar we ulanylmaga girizilen möhletinden hasaplanyp başlanýar. Aktiwiň peýdaly ulanyş möhleti aktiwiň çak edilýän peýdalylygyny hasaba alnyp kesgitlenilýär.

36. Aktiwiň ýatyryş gymmaty we peýdaly ulanyş möhleti azyndan her bir maliýe ýylynyň soňunda gaýtadan seredilmelidir we garaşylýan ýagdaý mundan ozalky buhgalterçilik bahalandyrmadan tapawutlanýan bolsa, üýtgemeler MHHS (IAS) 8 «Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar» talaplaryna laýyklykda, hasaba alnyşda hasaplama bahalandyrmalarda üýtgetmeler hökmünde görkezilmelidir.

37. Aktiwiň ulanyş tutumlarynyň ululygy karz edarasynyň hasaba alyş syýasatynda göz öňünde tutulan aktiwiň peýdaly ulanyş möhletini we ulanyş tutumlaryny hasaplamanyň usulyny hasaba almak bilen yzygiderli esasda paýlanylmalydyr.

38. Ulanyş tutumlaryny hasaplamanyň saýlanan usuly döwürden döwre yzygiderli ulanylmalydyr.

39. Aktiwiň ulanyş tutumlarynyň ululygyny paýlamak üçin aktiwden peýdaly ulanylýan möhletinde geljekki ykdysady peýdalaryň sarp edilşiniň gurluşyny görkezýän ulanyş tutumlaryny hasaplamagyň usullary ulanylyp bilner.

40. Her bir döwür üçin ulanyş tutumlaryň möçberi döwrüň çykdajylarynda görkezilmelidir, olaryň başga aktiwiň balans gymmatyna goşulýan ýagdaýlary muňa girmeýär.

hasaplanylan ulanyş tutumlaryň möçberine:

Debet 56501-56504-nji «Dikeldiş geçirmeleri» hasaplary XXX

Kredit 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary XXX

41. Doly däl döwür üçin ulanyş tutumlary hasaplanylanda, eger-de Türkmenistanyň kadalaşdyryjy-hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ulanyş tutumlar boýunça çykdajy hökmünde ýakyn doly aýyň esasynda hasaplanan möçber ykrar edilýär.

42. Ulanyş tutumlaryň derejelerine täzeden seredilmegi zerur bolsa, ulanyş tutumlaryň derejeleriniň täzeden seredilmedi dowam edýän we soňraky döwürlerde hasaba alynmaly. Ulanyş tutumlaryň derejelerine täzeden seredilmegi netijesindäki üýtgemeler ozal berlen netijelere goşulmaly däldir.

## VI. Aktiw ykrar edilenden soňky çykdajylar

43. Aktiw ykrar edilenden soňky, aktiwiň peýdaly ulanyş möhletini ýokarlandyrmaga ýardam berýän islendik çykdajylar düýpli maýa goýumlara degişli edilýär, galan ähli çykdajylar döwrüň çykdajylary hökmünde ykrar edilmeli.

44. Eger-de ilkibaşdaky hasaplanan kadalaşdyryş görkezijilerinden artýan geljekki ykdysady peýdalaryň alynmagynyň ýokary ähtimallygy garaşylýan bolsa, ykrar edilen aktiwlere degişli soňky çykdajylar onuň balans gymmatyny ýokarlandyrmalydyr.

45. Geljekki ykdysady peýdanyň ýokarlanmagyna getirýän gowulandyrmalaryň mysaly aşakdakylar bolup durýarlar:

Aktiwiň peýdaly ulanylmagynyň möhletini uzaldýan we kuwwatyny ýokarlandyrýan üýtgetmesi;

Öndürilýän önümiň hiliniň has-da ýokarlanmagyny gazanmak üçin maşynyň bölekleriniň we şaýlarynyň özgerdilmegi; we

Öň hasaplanan önümçilik harajatlaryny ep-esli azaltmagy üpjün edýän täze önümçiligiň girizilmegi.

46. Çykdajylary maýalaşdyrmak buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki usullaryň biri bilen hasaba alynýar:

edilen çykdajylaryň möçberine esasy serişdeleriň ilkibaşdaky gymmaty ýokarlandyrylýar:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler»hasaplary | XXX |
| Kredit | 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby | XXX |

edilen çykdajylaryň möçberine aktiwiň toplanan ulanyş tutumlary azaldylýar:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplar | XXX |
| Kredit | 19203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar» hasaby | XXX |

47. Aktiwi işjeň ýagdaýda saklamak we aktiwiň ýagdaýyny dikeltmek ýa-da saklamak maksady bilen edilýän çykdajylar, olaryň dörän döwrüniň çykdajylaryna eltilýär.

48. Esasy serişdeleri üýtgetmek ýa-da gowulandyrmak maksady bilen edilýän çykdajylaryň hasaba alnyşyTertibiň goşundysyna laýyklykda geçirilýär.

## VII. Esasy serişdeleri ykrar etmegi bes etmek

49. Aktiw çykanda ýa-da mundan beýläk onuň ulanylmagyndan ýa-da çykmagyndan hiç hili ykdysady peýdalara garaşylmaýan bolsa, esasy serişdeleriň ykrar edilmegi bes edilmelidir:

50. Aktiwi ykrar edilmegi bes etmegiň netijesinde ýüze çykýan girdejiler ýa-da çykdajylar, çykarylmadan arassa gelip gowuşmalar bilen aktiwiň balans gymmatynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär we aktiwiň balansdan aýrylan döwründe peýdalar we ýitgiler baradaky hasababata goşulýar.

51. Esasy serişdeleriň çykarylmagy olar satylanda, maliýe kärende şertnamasy (lizing) baglanyşylanda ýa-da sowgat berlende ýüze çykyp biler. Esasy serişdeleriň çykarylmagynyň senesi kesgitlenilende, MHHS (IAS) 16-nyň «Esasy serişdeler» talaplary ulanylýar.

52. Esasy serişdeleriň satylmagy buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

toplanan ulanyş tutumlaryň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary | XXX |
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary | XXX |

alnan pul serişdeleriniň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 11101-11102-nji «Aragatnaşyk hasaplary» hasaplary | XXX |
| 23201-23208-nji «Talap edilýänçä serişdeler» hasaplary | | |
| 23901-23908-nji «Gaýry borçlar» hasaplary | | |
| Kredit | 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasaby | XXX |

balans gymmatynyň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasaby | XXX |
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary | XXX |

alnan pul serişdeleri we esasy serişdeleriň balans gymmatynyň tapawudynyň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 28203-nji «Düýpli maýa goýumlar boýunça kreditorlar» hasaby | XXX |
| Kredit | 45209-njy «Bank işi däl amallardan gaýry girdejiler» hasaby | XXX |

eger-de esasy serişdeler balans gymmatyndan pes bahadan satylan bolsa, ýitginiň möçberine:

| | | |
|---|---|---|
| Debet | 55209-njy «Bank işi däl amallardan gaýry çykdajylar» hasaby | XXX |
| Kredit | 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary | XXX |

ulanylyşdan çykarylýan aktiwiň täzeden bahalandyrylmagynyň netijesinde emele gelen artyk möçberi karz edarasynyň paýlanylmadyk peýdasyna degişli edilip bilner:

Debet 32201-nji «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasaby XXX

Kredit 32303-nji «Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)» hasaby XXX

53. Maliýe kärende şertnamasy baglaşylanda, kärende şertnamasyna laýyklykda aktiw kärendeçiniň wagtlaýyn eýeçiligine ýa-da wagtlaýyn ulanmagyna berilýär we buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

toplanan ulanyş tutumlaryň möçberine:

Debet 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary XXX

Kredit 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

balans gymmatynyň möçberine:

Debet 14301-14308-nji «Lizing» hasaplary XXX

Kredit 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

54. Eger-de aktiw pul serişdelerini almazdan çykarylanda, aktiwiň balans gymmatyna deň bolan ýitgi ykrar edilýär we buhgalterçilik hasaba alnyşynda indiki buhgalter ýazgylary bilen hasaba alynýar:

toplanan ulanyş tutumlaryň möçberine:

Debet 17602-17605-nji «Toplanan dikeldiş geçirmeleri» hasaplary XXX

Kredit 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

balans gymmatynyň möçberine:

Debet 55209-njy «Bank işi däl amallardan gaýry çykdajylar» hasap XXX

Kredit 17102-17105-nji «Esasy serişdeler» hasaplary XXX

## VIII. Maliýe hasabatlylygynda maglumaty açmak

55. Maglumatyň açylmagy maliýe hasabatlylygynyň görkezjilerinde görüp bolmaýan we olaryň çözgütlerine täsir edip biljek maglumatlary almaga mümkinçilik bermelidir.

56. Maliýe hasabatlylygynda esasy serişdeleriň her bir topary boýunça şu maglumatlar açylmalydyr:

(a) balans gymmatyny brutto-bahalandyrmada ölçemek üçin binýat;

(b) ulanyş tutumlaryny hasaplamagyň ulanylýan usullary;

(c) kabul edilen peýdaly ulanyş möhletleri ýa-da ulanyş tutumlaryň derejeleri;

(d) hasabat döwrüniň başynda we ahyrynda esasy serişdeleriň brutto-bahalandyrmadaky balans gymmaty we toplanan ulanyş tutumlary (arzanlamakdan toplanan ýitgiler bilen birlikde);

(e) degişli döwrüň başynda we ahyrynda aşakdakylary görkezýän balans gymmatynyň deňeşdirmesi:

gelip gowuşmalar;

ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde kesgitlenen, ýa-da MHHS (IFRS) 5-e «Satmak üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler we bes edilen iş» laýyklykda ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde kesgitlenen çykyp gidýän topara goşulan aktiwler we gaýry çykyp gitmeler;

telekeçilik işini birleşdirmegiň netijesinde satyn alma;

MHHS (IAS) 36-nyň «Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy» 31-nji, 39-njy we 40-njy bölümlerine laýyklykda gaýtadan baha bermegiň netijesinde we gaýry jemi peýdanyň düzüminde görkezilen ýa-da arzanlamakdan çekilen ýitgileriň dikeldilen netijesinde ýüze çykýan, gymmatyň artmagy ýa-da azalmagy;

peýdanyň ýa-da ýitginiň düzümine MHHS (IAS) 36-a «Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy» laýyklykda goşulan arzanlamakdan çekilen ýitgiler;

peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde MHHS (IAS) 36-a «Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy» laýyklykda dikeldilen arzanlamakdan çekilen ýitgiler;

ulanyş tutumlary;

beýleki üýtgetmeler.

57. Şeýle hem, zerurlyk ýüze çykanda, maliýe hasabatlylygy MHHS (IAS) 16-nyň «Esasy serişdeler» 74-79-njy bölümlerine laýyklykda beýleki peýdaly maglumaty açmalydyr.